# Koronawirusa garşy göreşde Gürjüstanyñ «üç muşkotýory»

Category: Kitapcy,Medisina
написано kitapcy | 23 января, 2025
Koronawirusa garşy göreşde Gürjüstanyñ "üç muşkotýory"
KORONAWIRUSA GARŞY GÖREŞDE GÜRJÜSTANYÑ «ÜÇ MUŞKOTÝORY»

Gürjüstan Ýewropa bileleşiginiñ (ÝB) bileleşige girýän ýurtlardan daşgaryn çäklerini açyk yglan edip biljek derejede howpsuz hasap eden on bäş döwletinden biridir. Şol bir wagtyñ özünde ol öñki SSSR-iñ düzümine giren respublikalaryñ arasynda bu sanawa girmegi başaran ýeke-täk ýurtdur.
Üç million 700 müñ ilatly ýurtda köpçülikleýin ýokanjyñ ilkinji gezek peýda bolanyndan bäri jemi müñ kowid-19 wakasy hasaba alyndy we şolardan ýogalanlaryñ sany 15-den geçmedi. Bu ýokary üstünligiñ arkasynda gürji jemgyýetçiliginde «üç muşkotýorlar» diýip tanalýan üç alymyñ hyzmaty uludyr.
Gürjüstan goñşularynyñ arasynda-da köpçülikleýin ýokanja garşy göreşde ajaýyp üstünlikleri gazandy.
Çäginiñ ululygy we ilat taýdan özüne iñ ýakyn goñşusy Ermenistanda koronawirus wakalarynyñ sany 26 müñden geçdi we 500-e golaý adam öldi. Ermenistanda häzirem günde ýüzlerçe adamda kowid-19 keseliniñ alamatlary ýüze çykyp dur.

## ■ Gürjüstan muny nädip başardy?

Mart aýt ortalaberende ähli başlangyç we orta bilim berýän mekdepler, liseýler, ýokary okuw jaýlary, esasy durmuş hyzmatlaryna girmeýän ähli edara-kärhanalaryñ işi togtadyldy we jemgyýetçilik ulaglarynyñ hereketi ýatyryldy.
21-nji martda eýýäm adatdan daşary ýagdaý yglan edildi we adamlaryñ köpçülik bolup bir ýere üýşmelerine hem-de şäherara marşrutlar ýatyryldy. Gije köçä çykma gadagançylygy girizildi.
Gürjüstanyñ iñ esasy dini baýramy bolan prawoslawlaryñ Pasha şüweleñi döwründe hususy awtoulag sürmek we gonamçylyklara

zyýarat etmek gadagan edildi.
BBC habarlar gullugynyñ sowallaryna elektron poçta arkaly jogap beren premýer-ministr Georgiý Gahariýa «Köpçülikleýin ýokanjy heniz ilkinji waka hasaba alynmanka bir aý öñünden ara alyp maslahatlaşmaga başladyk. Ýurdumyzyñ geografiki ýerleşişi we kiçiligi ýaly özboluşly aýratynlygy sebäpli beýleki ýurtlardaky geçirilýän işleri gaýtalamak mümkin däldi» diýýär.
Geçirilen öñüni alyş çärelerine öñdebaryjy alymlar we Gürjüstanyñ Ýokanç kesellere gözegçilik etmek we Halk saglygyny goraýyş merkezi (NCDC) tarapyndan alnyp barylan yzygiderli maglumat bermeleriñ we seljermeleriñ hyzmaty uly boldy.

## ■ Üç muşkotýorlar kim?

Gürjüstanda NCDC-niñ hasabyna işleýän alymlara howsalaly döwürde bitiren uly işleri sebäpli uly hormat goýulýar.
NCDC-niñ başlygy Amiran Gamkrelidze, Lugar laboratoriýalaryna jogapkär Paata Imnadze we Tblisiniñ Ýokanç keseller, AIDS we immunitet barlaglary boýunça merkeziniñ baş wirology Tengiz Tsertswadze dagylara halk arasynda «Üç muşkotýorlar» ady berildi.
Ýokanja garşy göreş we halk saglygy kampaniýasynyñ eý görülýän şahslarynyń ýene biri-de Tbilisidäki Ýokanç keseller hassahanasynyñ baş lukmany Marina Ezugbaia.
Häzir Gürjüstanyñ dürli ýerlerinde on dokuz laboratoriýada koronawirus testlerini geçirip bolýar.
30-njy iýunda NCDC-nyñ başlygy Amiran Gamkrelidze ýurduñ köpçülikleýin ýokanja garşy göreşindäki üstünligine şeýle baha berdi:
«Ilatymyzyñ her bir millionyna 30 müñ test geçirip altyn standartlary gazandyk. Gowulaşma derejämiz 86%-e galdy, emma gynansak-da 15 jan ýitgimiz bar. Bu 1,6%-i düzýär we beýleki ýurtlar bilen deñeşdirenimizde juda ujypsyz san diýip hasap etse bolar.»

## ■ Geçirilen öñüni alyş işleri nähili ýola goýuldy?

Gürji hökümeti kabul edilen kararlara gyşarnyksyz eýerendikleri üçin halka minnetdarlyk bildirdi.
Muña garamazdan kanun bozulmalara garşy berk taýýarlyk çäreleri görlüpdi. Adatdan daşary ýagdaý döwründe kanunlary bozan raýatlara 1.000 dollar, edara-kärhanalara 3.000 müñ dollar jerime salnyp bilinýärdi.
Awtobus duralgalaryna «Öýde oturyñ!» duýduryşlary ýelmendi, el telefon şereketleri bu sms-i ähli müşderilerine ugratdylar.
Ýurduñ syýasatyna ýiti täsir edýän bölünişmäniñ bardygyna garamazdan, gürji jemgyýeti köpçülikleýin ýokanja garşy göreş çärelerini umuman goldady.
Premýer-ministr gürji halkynyñ jebisliginiñ we «ähli görkezmelere we ündewlere eýerme babatda nusgalyk sosial jogapkärçiliginiñ» köpçülikleýin ýokanjy berk gözegçilik astyna almaga ýardam berendigini aýtdy.
Aýgytly pursat Pasha baýramynyñ bellenýän Ýekşenbe güni bolup geçdi. Müñlerçe kişiniñ buthanalarda ýekşenbe güni gije ýarymdan soñ geçirilýän dini şüweleñlere gatnaşmagyndan endişelenilýärdi.
Gürjüstanda täsiri iññän güýçli gurama bolan prawoslaw butnahasy dini şüweleñleri we şüweleñ wagty köpçülige ýeke çemçe ulanma düzgüniniñ berjaý edilmegini ýatyrmak baradaky teklibi ret edipdi. Emma adamlaryñ aglabasy alymlaryñ ündewine eýerip, öýden çykman oturmagy makul bildi.

## ■ Gürjüstanyñ goñşy ýurtlarynda ýagdaý nähili?

Häzire çenli 27 müñ koronawirus wakasynyñ hasaba alynandygyny mälim eden Ermenistan aprel aýynyñ ahyrlarynda sosial aradaşlyk we öýden çykman oturma düzgünlerini gowşatmaga başlady hem-de maý aýyndan başlap ykdysady maksatnamalara tapgyrlaýyn ýagdaýda dolanyp geldi.
Ermenistanyñ Saglygy goraýyş ministri Arsen Torosýan BBC-ä beren interwýusynda täze koronawirus wakalarynyñ artýandygyny, muña garamazdan ýurduñ ykdysadyýetiniñ ýapyk halda dowam etmegine mundan beýläk döz gelip bilmejeklerini aýtdy.
Ol «Statistiki sanlara seretmezden, wirus bilen bile ýaşamagy

müwessa bildik. Wirusy doly ýok etmek ýaly maksadymyz ýok, çünki bu mümkin däl. Çäklerimizi bir ýyl ýapyk saklasak, edara-kärhanalary birnäçe aýlap-ýyllap ýapsak, koronawirusdan däl-de, başga sebäplerden öleris» diýdi.
Gürjüstanyň goňşusy Azerbaýjanda-da her gün ýüzlerçe koronawirus wakasy hasaba alynýar.
Azerbaýjan oppozisionerleri hökümeti köpçülikleýin ýokanja garşy göreşde diýdimzorlukly syýasat ýöretmekde we şowsuzlykda aýyplaýarlar.
Azerbaýjanda polisiýa işgärleriniň karantin düzgünlerini bozan kişleri öýlerinden içki eşikleri bilen daşaryk südenekledip çykaryşlaryny görkezýän wideoýazgylar sosial mediýa platformalarynda giňden ýaýrady.

## ■ Çäklendirmeler ýatyryldy

Gürjüstanda häzir edara-kärhanalaryň we garbanyşhanalaryň köpüsi açyk. Bular ýaly ýerleriň ýapyk binalarynda maska (agyz örtügini) dakmak hökmany we köpçülik ýerlerinde aradaşlyk düzgünleri berk berjaý edilýär.
Hökümet 1-nji iýuldan başlap çäklerini açmagy meýilleşdirýärdi, emma bu häzirlikçe goýbolsun edildi. Bu bolsa ýurduň turizm pudagynyň şu ýylky zyýanynyň mazaly artjakdygyny aňladýar.
Köpçülikleýin ýokanç kesellerine garşy göreşiň ýörite hünärmenleri ätiýaçly bolmagyň gerekdigini aýdýarlar.
NCDC-iň başlygy Amiran Gamkrelidze 30-njy iýunda geçiren toplanşygynda «Gürjüstan daşyny gurşap alan ýurtlaryň arasynda göýä bir ada we howpsuz howly ýaly bolup görünýänem bolsa, by biziň üçin ýeke minudam gowşamaga bahana bolmaly däldir» diýip çykyş etdi.
A.Gamkrelidze sözüni «Gündelik waka sanynyň iň pes görkezijide bolmagy bize gowşamaga tutaryk berip bilmez. Yzygiderli ätiýaçly bolmaga mejburdyrys» diýip jemledi.

BBC habarlar gullugynyň maglumatlary esasynda taýýarlan: Guwanç MÄMILIÝEW. Medisina